Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONICIC NEWSPAPER

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

*Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.*

№29 (79) | 2023-nji ýylyň 20-nji noýabry



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

***10-njy noýabrda*** Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary M.Bäşimowa Birleşen Arap Emirlikleriniň Federal Milli geňeşiniň agzasy, «Hidaýah» zorlukly ekstremizme garşy Halkara merkeziniň direktorlar geňeşiniň başlygy Ali Raşid Al-Nuaýminiň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen duşuşdy.

* * *

***10-njy noýabrda*** Türkmenistanyň daşary işler ministri R.Meredow bilen Aşgabada iş sapary bilen gelen ÝHHG-niň Demokratik institutlary we adam hukuklary boýunça edarasynyň direktory Matteo Mekaççiniň arasynda, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Adam hukuklary boýunça ýokary komissarynyň (OHCHR) Merkezi Aziýa boýunça edarasynyň sebitleýin wekili Matilda Bogneriň arasynda gepleşikler geçirildi.

* * *

***13-nji noýabrda*** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň (UNEP) arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekişmek dabarasy boldy.

* * *

***13-nji noýabrda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ali Mojtaba Ruzbehanini hem-de Ýaponiýanyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Hirosi Sasakini kabul etdi. Diplomatlar ynanç hatlaryny gowşurdylar.

* * *

***14-15-nji noýabrda*** Türkmenistanyň wekiliýeti Pariž şäherinde geçirilen ÝUNESKO-nyň 42-nji Baş maslahatynyň işine we onuň çäklerinde guramanyň Ýaşlar forumyna gatnaşdylar. Saparyň dowamynda türkmen wekiliýeti guramanyň we döwletleriň degişli ýolbaşçy wekilleri bilen duşuşyklary geçirdiler.

* * *

***14-17-nji noýabr*** aralygynda paýtagtymyzda «Bagtyýarlyk döwrüniň teatr sungaty» atly IV halkara festiwaly geçirildi.

* * *

***15-nji noýabrda*** wise-premýer, daşary işler ministri R.Meredowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasynyň (UNEP) Ýerine ýetiriji direktory Inger Andersen bilen onlaýn duşuşygy geçirildi. Taraplar şu ýylyň 30-njy noýabryndan 12-nji dekabry aralygynda Dubaýda geçiriljek BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjylaryň 28-nji mejlisiniň (COP 28) gün tertibi barada pikir alyşdylar.

* * *

***15-nji noýabrda*** türkmen-ýapon we ýapon-türkmen ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça komitetleriniň başlyklary — R.Meredowyň we H.Tsubaýyň arasynda söhbetdeşlik geçirildi.

* * *

***15-nji noýabrda*** paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda «Aziýa — Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary — Hytaý — Gyrgyzystan — Özbegistan — Türkmenistan — Azerbaýjan — Gruziýa — Türkiýe — Ýewropa» («CASCA+») halkara multimodal üstaşyr ulag ugry boýunça agza döwletleriň demir ýol edaralarynyň ýolbaşçylarynyň mejlisi geçirildi.

* * *

***16-18-nji noýabrda*** Mary şäherinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň ýaşlarynyň «Beýik Ýüpek ýolunyň täze eýýamy» atly forumy geçirildi. Türkmenistanyň, Gazagystan, Gyrgyz, Täjigistan, Özbegistan Respublikalarynyň we Hytaý Halk Respublikasynyň ylym, bilim, medeniýet, sungat, parlament ulgamlarynyň ýaş wekillerini, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hem-de Hytaýyň Durnukly ösüş maksatlarynyň ilçilerini özünde jemleýän bu forum ýaşlar syýasaty babatda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň anyk ýollaryny kesgitlemekde möhüm ähmiýete eýe boldy.

* * *

***16-njy noýabrda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň agzasy, Sinszýan-Uýgur awtonom raýonynyň partiýa komitetiniň sekretary Ma Sinžuýy kabul etdi.

* * *

***16-njy noýabrda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, bu ýerde Oba hojalyk uniwersitetiniň we ylmybarlag institutlarynyň täze binalar toplumynyň taýýarlanylan taslamalary bilen tanyşdy. Şeýle-de döwlet Baştutanymyz degişli düzümleriň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

*Syýasy habarlar*

* * *

***17-nji noýabrda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Özbegistan Respublikasynyň daşary işler ministri Bahtiýor Saidowy kabul etdi.

* * *

***17-nji noýabrda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirlikleriniň energetika we infrastruktura ministri Suheýl Al Mazruini kabul etdi.

* * *

***17-nji noýabrda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň ýol we şähergurluşyk ministri Mehrdad Bazrpaşy kabul etdi.

* * *

***17-nji noýabrda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň möhüm wezipelerine, birnäçe resminamalaryň taslamalaryna hem-de beýleki käbir meselelere garaldy.

* * *

***17-nji noýabrda*** Aşgabatda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-eýran toparynyň 17-nji mejlisi öz işine başlady. Duşuşyga iki ýurduň degişli ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar.

* * *

***17-19-njy noýabrda*** Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda Eýran Yslam Respublikasynyň «Iran Prože» atly 15-nji ýöriteleşdirilen sergisi geçirildi. Eýranyň önüm öndürijileriniň gazanan üstünlikleriniň gözden geçirilişi iki goňşy ýurduň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga we giňeltmäge täze itergi bermäge gönükdirilendir.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– Men ýurdumyzyň ýaşlarynyň ene-ata we il-ýurt öňündäki mukaddes borjuny berjaý edip, mynasyp adamlar bolup ýetişjekdiklerine, ata Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda jan aýaman zähmet çekjekdiklerine pugta ynanýaryn.**

YOUTH IS THE FUTURE OF THE STATE

# THE YOUTH FORUM OF CENTRAL ASIA AND CHINA "NEW EPOCH OF THE GREAT SILK ROAD"

On the 16-18th of November, 2023 the Youth Forum of Central Asian Countries and China "New Epoch of the Great Silk Road" was held in Mary city of Turkmenistan. This international forum played an important role in cooperation of youth of these countries.

Firstly, as it is known, the proposal to hold it was voiced by our esteemed President Serdar Berdimuhamedov at the first Summit of Heads of State of the Central Asia – China format, held in the Chinese city Xi'an in May of current year. This initiative has become an indicative and outstanding example of the large, multifaceted work carried out in the era of the Revival of the new epoch of the powerful state to strengthen friendly relations between Turkmen youth and their peers from all around the world, to educate an educated, erudite young generation with a broad worldview, highly respecting the traditions and customs of their people, their priceless national heritage.

As our esteemed President mentioned in the congratulatory message, this important event brought together young representatives of each country, as well as Ambassadors of SDP for countries of Central Asia and China. It will be of great importance in determining specific ways to develop international cooperation in the field of youth policy. For that reason, the main goal of the forum is to strengthen cooperation between youth in such areas as climate change and environmental sustainability, education, science and innovation, culture and art. The forum gave assistance to discuss and broaden rich experience of permanent neutral Turkmenistan in strengthening peace and friendship, the role of youth in the revival of the Great Silk Road.



In the era of the Revival of the new epoch of the powerful state in our country the youth is provided with abundant opportunities in many spheres as healthcare, education, science and sport. Nowadays, young Turkmen people work hard in various sectors of the national economy, actively participate in the implementation of national and state programs, are engaged in scientific, educational and social work, promoting the comprehensive development of our Fatherland. This year, Magtymguly Youth Organization of Turkmenistan joined the UNESCO Global Youth Community, a structure of the United Nations Educational, Scientific and Cultural Organization. It gave many opportunities to cooperate with other structures of world nations for youth policy.

In general, this International Youth Forum "New Epoch of the Great Silk Road" played a significant role in further cooperation and relations of youth of the world. And also Independent, permanent Neutral Turkmenistan is always open to the world community and will continue to do all necessary work to expand this cooperation to maintain peace, security and sustainable development in the world.

*Shasenem MEYLISOVA,*
*the 2nd year student of the Faculty of International Relations.*

# Bagtdan paýly ýürekleriň buýsanjy

Ata Watanyňa hyzmat etmek, jan-teniň bilen söýüp, onuň saňa berenlerini haklamak her bir ynsanyň öňündäki mukaddes borjudyr. Gahryman Arkadagymyz biz — ýaşlara eden sargytlarynda: «Mähriban ýaşlar! Watana wepaly bolmakda, zähmetsöýerlikde, ynsanperwerlikde, halallykda siz beýlekilere nusga bolmalysyňyz! Siz öz üstüňize ýüklenen wezipeleri ak ýürekden berjaý etmek bilen, Berkarar Watanymyzyň günsaýyn ösüşine öz mynasyp goşandyňyzy goşýandygyňyzy unutmaň!» diýip belleýär. Elbetde, munuň özi döwletimiz tarapyndan ýaşlarymyza uly ynam bildirilýändiginiň aýdyň alamatydyr.

Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesilleriň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, watansöýüji we kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Özleri üçin edilýän şeýle atalyk aladalaryndan buýsançly türkmen ýaşlary bu günki günde ýurdumyzyň içindäki we halkara derejesindäki birnäçe bäsleşiklere işjeň gatnaşyp, Diýarymyzyň abraýyny has-da belentlere göterýärler. Ine, şu gün hem döwletimizde dürli ulgamlarda gazanan üstünlikleri, alnyp barylýan içeri we daşary syýasaty, durmuşa geçirilýän beýik özgertmeleri, olaryň ýurdumyzyň durmuşyndaky taryhy ähmiýetini il arasynda wagyz nesihat etmekde ýokary dörediјilik başarnygyny hem-de işjeňligini görkezen ýaşlar Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň döredilen güni mynasybetli yglan edilen Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi diýen belent ada mynasyp boldular. Şolaryň hatarynda maňa hem hormatly Prezidentimiziň Şa serpaýyna mynasyp bolmak bagty miýesser etdi. Edilýän sylag, goýulýan hormat munuň özi şol adama bildirilýän uly ynamdyr. Şeýle buýsançly pursatlarda türkmen diplomatiýasynda bilim alýan halkaraçy hünärmen hökmünde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bize bildirýän bu uly ynamyny ýokary derejede ödäp, eziz Watanymyzyň ösüşlerine öz mynasyp goşandymy goşjakdygyma ynandyrýaryn!



Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biz — ýaşlara okamaga, döretmäge we öz ukyp-başarnyklarymyzy açyp görkezmekde hem-de dünýäniň iň soňky ösen tehnologiýalaryndan kämil baş çykarýan hünärmenler bolup ýetişmegimizde döredip berýän ähli mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize çäksiz sagbolsunymyzy aýdýarys! Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, il bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tutýan beýik tutumlary elmydama rowaçlyklara beslensin!

Sözümiň soňuny ähli türkmen ýaşlarynyň Watanymyza bolan buýsanjy hökmünde şeýle setirler bilen jemläsim gelýär:

*Belent maksat tutunyp, aýdyň geljege sary,*
*Bütin dünýä ýaň edýäs, owazaň, şöhrat-şanyň.*
*Iň arzyly islegleň hasyl bolýan Diýary,*
*Baky gülle, rowaçlan, eziz Türkmenistanym!*

*Çar ýanyň läle-reýhan, göýä jennet mysaly,*
*Ak şäherim Aşgabat – ak arzuwlaň wysaly.*
*Agtarsak-da dünýäni Watan ýok seniň ýaly,*
*Baky gülle rowaçlan, eziz Türkmenistanym!*

***Tawus AKJAÝEWA,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň V ýyl talyby, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi.***

*Ýaşlarymyzyň 2020-nji ýylda 47-si, 2021-nji ýylda 62-si, 2022-nji ýylda 75-si bu hormatly adyň eýeleri bolan bolsa, Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda olaryň 140-ysynyň bu belent ada mynasyp bolmagy aýratyn guwandyryjy ýagdaýdyr.*

# ÖZ BOLŞUŇY SAKLAP BILMEK SUNGATDYR

Hormatly okyjylar, biz gazetimiziň şu sanyndan başlap, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekili, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty Amangeldi Rahmanowyň «Häzirki zaman türkmen diplomatiýasynyň nazaryýeti we amalyýeti barada söhbet» atly okuw gollanmasynyň golýazmasyndan bölekleri size ýetirmegi makul bildik. Halypa diplomatyň ýazgylarynda diplomatik medeniýet, diplomatyň durmuşy hakynda janly söhbet edilýär. Bu söhbetler geljegini diplomatiýa hünärine baglamak isleýän ýaşlara gymmatly gollanmadyr.



*Islendik* işde, şol sanda diplomatik çäkde hem şahsyýetiň hakyky üstünlikleriniň esasynda onuň zähmetsöýerligi, zehini, bilimi we tejribesi ýatýan bolmaly. Şu jähetden, özüm barada aýtsam, onda meniň şahsyýet, hakyky diplomat we alym hökmünde ýetişmegime, ynançlarymyň, umuman, dünýägaraýşymyň emele gelmegine ýaşlykdan oňaýly täsir edip başlan ýagdaýlar az bolmady.

Ozaly bilen, men halkymyzyň milliliginde diplomatlar üçin zerur bolan gymmatlyklaryň örän köpdügini we özümiň olary turuwbaşdan öwrenmäge çalşandygymy belläp geçmekçi. Hususan-da, halkymyzyň wekilleriniň arasynda arassa, akylly, pähimli, az gepli, edepli, parahatsöýüjilikli häsiýetli adamlara näçe diýseň duş gelmek bolýar. Diňe şu aýratynlyk hem meni öz wagtynda diplomatiýanyň türkmen halkynyň ganynda bolmagynyň ahmaldygy barada oýlanmaga mejbur edipdi.

Magtymguly Pyragynyň döredijiligi bilen içgin gyzyklanmagym beýik akyldar şahyrymyzyň döredijiligindäki diplomatlara mahsus bolan gylyk-häsiýetler baradaky ündewler bilen tanyşmagyma mümkinçilik berdi. Şol ündewler meniň durmuşymda we döredijilikli işimde örän uly orun tutdular.

Şu ýerde maňa bilimiň, häsiýetiň, iş endikleriniň ençemesiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy bolup işlän kakamdan geçendigini hem bellemekçi. Hususan-da, men öwrenilen bilime bolan söýgi ýaly häsiýeti özüme geçirdim we ony özbaşdak okamak, öz-özümi terbiýelemek bilen baýlaşdyrdym. Meniň kakamdan özüme geçiren ýene bir gymmatly zadym, ol hem onuň ynsanyň hemişe öz hakyky bolşuny saklap bilmeginiň möhümligi baradaky pikiri boldy. Kakam maňa: «Hemişe öz hakyky bolşuňy saklajak bolgun, oglum, öz ynançlaryny ýygy-ýygydan üýtgedýän adamy il halaýan däldir» diýipdi. Elbetde, kakamyň şol pikirini (ony wesýet, maslahat, ýörelge diýip atlandyrsaň hem bolarmyka diýýärin) durşuna goldadym hem amal etdim. Men zähmeti, kärimi söýdüm. Sözüňe ygrarly bolmak, özüňe erk edip bilmek, çen-çaky bilmek, sabyrly, tutanýerli bolmak we başga şulara meňzeş özümde bar bolan sypatlarymy has-da kämilleşdirmek bilen boldum.

Adamyň öz bolşuny saklap bilmegi baradaky kakamyň şol wesýeti diňe bir şahsyýete däl, eýsem, jemgyýete, döwlete hem degişli bolmalydyr öýdýärin. Şol ideýanyň tutuş sungat bolup durýandygy we şol sungata adamlaryň hemişe ýokary baha berýändikleri hakykatdyr.

Öz bolşuňy saklap bilmek ýörelgesi baradaky gürrüňimi dowam etmek bilen, şol ýörelge barada, meniň baryp, 1992-nji ýylyň 16-njy fewralynda «Нейтральный Туркменистан» gazetiniň baş redaktory L.Glazowskaýa giňişleýin interwýu berendigimi ýatlap geçmekçi. Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygyna eýe bolmagy bilen, men basym Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçi derejesinde ýurdumyzyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekiliniň wezipesine bellendim. Habarçymyz bilen şol duşuşygym meniň täze wezipäme girişmegimiň öňüsyrasynda, ertir uçmaly diýen günümde bolup geçipdi.

Şol interwýuda öz bolşumyzy saklap bilmekligiň nämedigini gazetiň okyjylaryna özümçe düşündiripdim. Men söhbetdeşligiň dowamynda hemişe öz häsiýetimize ygrarly bolmaklygy, öz bolşumyzdan has gowy görünmäge ymtylmazlygymyzy, geljekde-de özümiziň hakyky ýüzümizi ýitirmezligimizi we ş.m. zatlary aňladýan bolmalydygyny aýdypdym. Sebäbi durmuşyň islendik çägindeadamyň öz bolşundan özüni has ýokary goýmak isleginiň ynsanyň iň ýaramaz häsiýetlerinden biri bolup durýandygy, munuň tersine, ýönekeýligiň medeniýetiň ölçegi hasaplanýandygy we onuň şahsyýeti beýgeldýändigi bellidir.

*Halypa diplomatdan ussatlyk sapaklary*

Şeýle hem şol interwýuda men durmuşymyň we diplomatik işimiň tutuş dowamynda özümiň öz bolşumy saklap bilmek ýörelgä eýerendigimi, munuň sözüň doly manysynda maňa başardandygyny we geljekde hem başartjakdygyny berk ynam bilen aýdypdym. Şol ýörelgäniň halkymyzyň we ýurdumyzyň asudalygynyň hem-de mertebesiniň möhüm

> Kakam maňa: «Hemişe öz hakyky bolşuňy saklajak bolgun, oglum, öz ynançlaryny ýygy-ýygydan üýtgedýän adamy il halaýan däldir» diýipdi.

çeşmesi bolup durýandygyny, onuň öz başlangyjyny bolsa gürrüňsiz halkymyzdan, onuň taryhyndan, medeniýetinden alýandygyny aýratyn nygtapdym.

Şunlukda, men öz häsiýetinde, hakykatdan hem, diplomatlar üçin zerur bolan sypatlar örän köp bolan halkymyzdan, ruhy atamyz Magtymgulynyň döredijiliginden, galybersede, atam-enemden köp zat öwrendim. Elbetde, men öz häsiýetimden hem nägile bolmadym, sebäbi ol maňa hakykatdan hem ýokary derejeli diplomat, halkaraçy alym bolmaga kömek etdi. Diplomatik endikler barada aýtsam, onda men olary diplomatik gulluga işe durmagym bilen ýyllaryň dowamynda edindim we yzygiderli kämilleşdirdim.

***(Dowamy bar).***

*Amangeldi Rahmanow Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekilidir.*

*Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna*

# MAGTYMGULY PYRAGY — DÜNÝÄ EDEBIÝATYNYŇ TAÝSYZ NUSGASY



**Bilşimiz ýaly, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda halkymyzyň baý medeni mirasyny gorap saklamak, ony dünýä ýaýmak boýunça uly işler durmuşa geçirilýär. Munuň netijesinde beýik türkmen şahyrlarynyň hem-de akyldarlarynyň döredijiligi ylmy esasda giňişleýin we çuňňur öwrenilýär. Şundan ugur alyp, geçen ýylyň dekabr aýynda hormatly Prezidentimiziň 2024-nji ýylda şanly sene, Gündogaryň beýik şahyry we akyldary, türkmen nusgawy edebiýatynyň düýbüni tutujy Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyny dabaraly bellemek boýunça degişli Karara gol çekip, geçiriljek çäreleriň Meýilnamasyny tassyklandygyny bellemelidiris. Şunuň bilen baglylykda, häzirki wagtda ýurdumyzda we daşary ýurtlarda Magtymguly Pyraga bagyşlanan mowzuklaýyn duşuşyklar, forumlar, tanyşdyrylyş dabaralary we beýleki döredijilik çäreleri geçirilýär.**

Türkmen halkynyň durmuş filosofiýasy, asylly däp-dessurlary, ýokary ruhy-adamkärçilik gymmatlyklary, berkarar, gülläp ösýän döwlet hakyndaky arzuwlary meşhur şahyrymyzyň baý we köpugurly şygryýetinde öz beýanyny tapypdyr. Bu ýagşy umyt-arzuwlar häzirki döwürde hasyl boldy. Magtymgulynyň ynsanperwer pikirleri bolsa Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň döwlet syýasatynyň esaslaryny düzdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly goşgusynda:

**Müňýyllykdyr asyrlaryň nurana rowaýaty,**
**Kömegine mätäçlere — Taňrynyň hemaýaty,**
**Ähli mekan-zamanlaryň çyn-hakyky raýaty —**
**Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy.**

**Hormat goýýas päk ruhunyň baýramyna-toýuna,**
**Tagzym edýäs zer ýalkymly pikirine-küýüne.**
**Köpetdagyň eteginde galdy bu gün örboýuna,**
**Onuň Alyjenaby Magtymguly Pyragy.**

— diýip, belleýşi ýaly, görnükli nusgawy şahyr we Gündogaryň akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk baýramynyň çäklerinde onuň edebi mirasyny giňden wagyz etmek maksady bilen, daşary ýurtlaryň ençemesinde ylmy maslahatlar, tanyşdyrylyş dabaralary, döredijilik duşuşyklary guralýar. Şeýle çäreler Magtymguly Pyragynyň we onuň kakasy Döwletmämmet Azadynyň aramgähleriniň ýerleşýän ýeri bolan Eýran Yslam Respublikasynda hem yzygiderli geçirilýär. Şol bir wagtyň özünde bu aramgählere her ýylda ata Watanymyzdan wekiliýetleriň zyýarata ugradylýandygyny hem aýratyn nygtamalydyrys.

Üstünden ençeme asyrlaryň geçendigine garamazdan, türkmen halkynyň görnükli oglunyň döreden eserleri öz ähmiýetini ýitirmän, türkmen topragyndan has uzaklarda-da uly meşhurlyga eýedir. Sebäbi olarda Watana söýgi, ynsanperwerlik, parahatçylyk söýüjilik, döredijilige, dostdoganlyga çagyryş ýaly hiç wagt ähmiýetini ýitirmejek umumadamzat gymmatlyklary öz aýdyň beýanyny tapýar. Şahyryň dürli halklaryň dillerine terjime edilen goşgulary dünýäniň ähli künjeginde ýaşaýan adamlaryň kalplarynda öçmejek yz goýýar. Russiýa Federasiýasynda, Türkiýe Respublikasynda, Eýran Yslam Respublikasynda, Özbegistanda we beýleki ýurtlarda türkmeniň beýik nusgawy şahyrynyň hormatyna ýadygärlikler dikilip, olara sarpa goýulýar.

Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlap Eýran Yslam Respublikasynyň çäginde, hususan-da, türkmenleriň kowçum bolup ýaşaýan ýerlerinde medeni we wagyz-nesihat çäreleri guralýar. Olara Eýranyň resmi adamlary, ýurduň ylmy we edebi düzümleriniň wekilleri hem-de ýerli ýaşaýjylar işjeň gatnaşýarlar. Bu ýerde Magtymguly Pyragynyň goşgulary okalýar, ömri we döredijiligi barada teatr çykyşlary görkezilýär, suratkeşleriň sergileri guralýar. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy netijesinde bize, ýagny Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň 5-nji ýyl talyplaryna ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynda we konsullyk edaralarynda önümçilik tejribeligini geçmek mümkinçiligi döredilýär. Şonuň esasynda bize hem Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasyndaky (Maşat şäheri) Baş konsullygynda tejribelik geçmek bagty miýesser etdi. Tejribelik döwründe Eýran Yslam Respublikasynyň çäginde dana şahyrymyz Magtymguly Pyraga aýratyn sarpa goýulýandygyna, onuň hormatyna medeni çäreleriň häli-şindi geçirilýändigine şaýat bolduk.

2021-nji ýylyň maý aýynda Gülüstan welaýatynyň Kümmet-Kowus şäheriniň girelgesindäki aýlawly çatrykda meşhur şahyr we akyldar Magtymguly Pyragynyň täze ýadygärliginiň açylyp, heýkeliň ýüzüniň şahyryň doglan ýeri bolan Hajygowşan obasyna bakdyrylmagy bu ýadygärlige özboluşly many çaýýar. Munuň özi akyldar şahyrymyza goýulýan hormatyň aýdyň nyşany bolup, iki ýurduň arasyndaky medeni gatnaşyklary has-da pugtalandyrýar.

Geljek ýylda uludan belleniljek Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy bilen bagly hormatly Prezidentimiziň şu ýylyň sentýabr aýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasyndaky çykyşynda nygtaýşy ýaly, ähli medeniýetli adamzat diňe bir dünýä edebiýatyna däl-de, eýsem, tutuş Gündogaryň, bütin dünýäniň medeni ösüşine örän uly goşant goşan beýik ynsanperwer şahyry ýatlaýar we oňa hormat goýýar. Hormatly Prezidentimiz özüniň taryhy çykyşynda Magtymgulynyň «Adamzat» atly goşgusynyň şu aşakdaky setirlerini mysal getirdi:

**Ýatsa-tursa hyýalyndan çykarmaz,**
**Kaýsy işe maýyl bolsa adamzat.**

Pursatdan peýdalanyp, bize — geljekki türkmen diplomatlaryna okamaga, öwrenmäge we ylym bilen meşgullanmaga döredilýän şeýle uly mümkinçilikler üçin türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz hoşallygymyzy bildirýäris. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, ömürleri uzak bolsun! Baky Bitarap Watanymyzyň içeri we daşary syýasatyny amala aşyrmakda alyp barýan işleri uly rowaçlyklara beslensin!

***Omar BAÝLYÝEW,***
***Ahmet MUHAMMETMYRADOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň V ýyl talyplary.***
*(Maşat şäheri).*

***2021-nji ýylyň maý aýynda Gülüstan welaýatynyň Kümmet-Kowus şäheriniň girelgesindäki aýlawly çatrykda meşhur şahyr we akyldar Magtymguly Pyragynyň täze ýadygärliginiň açylyp, heýkeliň ýüzi şahyryň doglan ýeri bolan Hajygowşan obasyna bakyp duran şekilde goýulmagy bu ýadygärlige özboluşly many çaýýar.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland!

*Baş redaktor*
*Aýnabat NAZAROWA*

*Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*
*Jogapkär kätip: B.Garaýew.*
*Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow.*
*Bölüm müdiri: J.Öwezowa.*
*Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Atajykowa, O.Çaryýarowa.*
*Fotohabarçy: K.Akmämmedow.*
*Korrektor: A.Döwletowa.*

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, A.Jumagulyýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, O.Hemzäýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.*

*Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.*
*E-mail: hgi.redaksiya@gmail.com*